Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 25

„DÖWLET SUBSIDIÝALARYNY HASABA ALMAK WE DÖWLET KÖMEGI HAKYNDAKY MAGLUMATY AÇMAK“

Mazmuny **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler 1-3
Kesgitlemeler 4
Ykrar etmek 5-22
Döwlet subsidiýalaryny gaýtarmak.....23-26
Döwlet kömegi 27-31
Maglumaty açmak 32
Güýje girýän senesi 33

UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady döwlet subsidiýalary hasaba alnanda we döwletiň kömegi barada maglumatlar açylanda we döwlet kömeginiň beýleki görnüşleri baradaky maglumatlar açylanda ulanylýar.

2. Şu standartyň maksady kärhanalar tarapyndan alnan döwlet subsidiýalaryny hasaba almagyň we döwletiň kömegi barada maglumatlary açmagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr.

3. Şu standart aşakdakylar babatynda ulanylmaýar:

a) bahalaryň üýtgemeginiň edýän täsirini görkezýän maliýe hasabatlylygynda ýa-da şoňa meňzeş häsiýetdäki goşmaça maglumatlaryň düzüminde döwlet subsidiýalary görkezilende ýüze çykýan aýratyn meseleler babatynda;

b) peýdadan alynýan salgydyň ululygyndan ugur alyp kesgitlenýän ýa-da çäklendirilýän salgyt salynýan peýda ýa-da salgyt ýitgileri kesgitlenende ýeňillikler görnüşinde kärhanalara berlen döwlet kömegi babatynda. Salgytdan boşadylýan döwürler, maýa goýum salgyt karzlary, çaltlandyrylan ulanyş tutumlaryna rugsat bermek, peýdadan alynýan salgydyň möçberini azaltmak şu ýeňilliklere mysal bolup durýar;

ç) kärhananyň maýasyna döwlete degişli gatnaşma paýy babatynda;

d) „Oba hojalyk“ MHMS-nyň ulanylýan çygryna girýän döwlet subsidiýalary babatynda.

KESGITLEMELER

4. Şu standartda aşakdaky adalgalar görkezilen manylarda ulanylýar:

Döwlet - hususanda, hökümet, hökümetiň edaralary we şolara meňzeş ýerli, milli ýa-da halkara guramalary.

Döwlet kömegi – belli bir ölçeglere laýyk gelýän belli bir kärhana ýa-da birnäçä kärhana haýsydyr ykdysady peýdany bermäge gönükdirilen hökümetiň hereketleri. Şu standart bilen baglylykda döwlet kömegi täjirçilik işiniň umumy şertlerine täsir edýän hereketleriň üsti bilen berilýän, mysal üçin, özleşdirilýän etraplarda infrastrukturany döretmegiň ýa-da bäsdeşleriň täjirçilik işine çäklendirmeleri bellemegiň netijesinde berilýän gytaklaýyn bähbitleri öz içine almaýar.

Döwlet subsidiýalary - geçen döwürde ýa-da geljekde kärhananyň amallar işi bilen baglanyşykly belli bir şertleri berjaý etmeginiň ýerine kärhana serişde bermek görnüşinde döwlet tarapyndan edilýän kömek. Döwlet kömeginiň gymmatyna esaslandyrylan baha berip bolmaýan görnüşleri, şeýle hem hökümet bilen geçirilýän, kärhananyň adaty täjirçilik amallaryndan tapawutlanmaýan amallary döwlet subsidiýalaryna degişli däldir.

Aktiwlere degişli subsidiýalar – döwlet subsidiýalary, olary bermegiň esasy şerti olary almaga hukugy bolan kärhananyň uzak möhletli aktiwleri satyn almagy, gurmagy ýa-da başga bir görnüşde edinmegi bolup durýar. Aktiwleriň görnüşlerini ýa-da olaryň ýerleşýän ýerlerini ýa-da olaryň satyn alynmaly döwrüni çäklendirýän ýa-da olara eýeçilik etmegiň wagt çäklerini belleýän goşmaça şertler hem bolup biler.

Girdejilere degişli subsidiýalar – aktiwlere degişli subsidiýalardan tapawutlanýan döwlet subsidiýalary.

Şertli-gaýtarylmaýan karzlar – belli bir berlen şertler ýerine ýetirilende, olar babatynda karzdaryň berlen pul möçberini talap etmekden boýun gaçyrmak boýunça öz üstüne borçnama alýan karzy.

Adalatly gymmat – gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

YKRAR ETMEK

5. Kärhananyň bu subsidiýalaryň öwezini dolmaly bolan degişli harajatlaryny çykdajy hökmünde ykrar edýän döwürleriniň dowamynda döwlet subsidiýalary peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde yzygiderli ykrar edilmelidir.

6. Döwlet subsidiýalary, şol sanda adalatly gymmaty boýunça monetar däl subsidiýalar:

a) kärhananyň olar bilen baglanyşykly şertleri ýerine ýetirjekdigine;

b) subsidiýalaryň alynjakdygyna esaslandyrylan ynam peýda bolýança ykrar edilmeli däldir.

7. Döwlet subsidiýasy kärhananyň subsidiýa bilen baglanyşykly şertleri ýerine ýetirjekdigine we subsidiýanyň alynjakdygyna esaslandyrylan ynam peýda bolýança ykrar edilmeýär. Subsidiýanyň alynmagynyň özi öz-özünden onuň bilen baglanyşykly şertleriň ýerine ýetirilendiginiň ýa-da ýerine ýetiriljekdiginiň esasy subutnamasy bolup durmaýar.

8. Subsidiýa onuň pul serişdeleri görnüşinde ýa-da döwletiň öňündäki borçnamalary azaltmak görnüşinde alnandygyna garamazdan birmeňzeş hasaba alynýar.

9. Hökümetden alynýan şertli-gaýtarylmasyz karz, kärhananyň karzyň geçilmegi üçin ýeterlik şertleri ýerine ýetirjekdigine esaslandyrylan ynam bar bolanda döwlet subsidiýasy hökmünde hasaba alynýar.

10. Döwlet subsidiýalary olaryň yzygiderli esasda öwezi dolunmaly bolan çykdajylarynyň hasaba alnan döwürleriniň girdejisi hökmünde ykrar edilmelidir. Olar göni maýanyň hasabyna eltilmeli däldir.

11. Döwlet subsidiýalarynyň alnan pursatynda peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmegi hasaplap ýazmak usuly boýunça hasaba alyş ýörelgesine laýyk gelmeýär we subsidiýany diňe onuň alnan döwründen başga döwürler boýunça paýlamak üçin esas ýok bolan ýagdaýynda kabul ederliklidir.

12. Köplenç ýagdaýlarda kärhananyň döwlet subsidiýalary bilen baglanyşykly harajatlary ýa-da çykdajylary ykrar edýän döwürleri ýeňil kesgilenilýär we şeýlelikde, anyk çykdajylaryň ykrar edilýän pursatynda subsidiýalar degişli döwrüň girdejileri hökmünde ykrar edilýär. Edil şonuň ýaly, ulanyş tutumlary hasaplanylýan aktiwlere degişli bolan subsidiýalar, adatça, bu aktiwlere ulanyş tutumlarynyň hasaplanyp ýazylýan döwürleriniň dowamynda we şol deň ölçeglerlerde girdeji hökmünde ykrar edilýär.

13. Ulanyş tutumlary hasaplanmaýan aktiwlere degişli bolan subsidiýalar hem belli bir borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini talap edip biler we şu borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine gönükdirilen çykdajylaryň ýüze çykan döwürlerindäki girdejilere degişli bolar.

14. Subsidiýalar kähalatlarda, birnäçe şertler bilen bagly bolan, toplumlaýyn maliýe ýa-da fiskal kömegiň düzüminde berilýär. Şeýle ýagdaýlarda harajatlaryň we çykdajylaryň ýüze çykmagyna getirýän şertler kesgitlenende dykgatlylyk talap edilýär, olar hem öz gezeginde, subsidiýanyň gazanylyp biljek döwürlerini kesgitleýär. Subsidiýalaryň bir bölegini bir esasda, beýleki bölegini başga esasda geçirip ýazmak dogry bolup biler.

15. Eýýäm çekilen çykdajylar ýa-da ýitgiler üçin öwezlik töleg hökmünde alynmaga ýa-da geljekki haýsydyr bir degişli harajatlar çykarmazdan kärhana haýal etmän maliýe kömegini bermek maksady bilen berilmäge degişli döwlet subsidiýasy onuň alynmaga degişli döwrüniň girdejisi hökmünde ykrar edilýär.

16. Belli bir ýagdaýlarda döwlet subsidiýalary kärhananyň haýsydyr bir anyk harajatlary amala aşyrmagyny höweslendirmek üçin däl-de, eýsem oňa haýal etmän maliýe kömegini etmek üçin berlip bilner. Şunuň ýaly subsidiýalar anyk bir kärhana bilen çäklendirilip bilner we benefisiarlaryň ählisine degişli bolman biler.

Bu ýagdaýlar, onuň netijelerine dogry düşünilmegini üpjün edýän maglumatlary açmak bilen, subsidiýalary şol kärhanada ony almaga hukugyň ýüze çykan döwrüniň girdejisi hökmünde ykrar etmek üçin hyzmat edip biler.

17. Kärhana geçen hasabat döwürleriniň birinde çekilen çykdajylaryň ýa-da ýitgileriň öwezlik tölegi hökmünde döwlet subsidiýasyny alyp biler. Şeýle subsidiýa onuň alynmaga degişli döwrüniň girdejisi hökmünde, onuň netijelerine dogry düşünilmegini üpjün edýän maglumaty açmak bilen ykrar edilýär.

18. Döwlet subsidiýasy kärhananyň peýdalanmagy üçin monetar däl aktiwi bermek görnüşinde hem bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda monetar däl aktiwiň adalatly gymmatyna baha bermek we şol subsidiýany hem, aktiwi hem şol adalatly baha boýunça hasaba almak adaty iş tejribesi bolup durýar. Kähalatda alternatiw çemeleşme ulanylýar, onda aktiw hem, subsidiýa hem nominal ululyk boýunça hasaba alynýar.

19. Aktiwlere degişli döwlet subsidiýalary, şol sanda adalatly gymmaty boýunça monetar däl subsidiýalar maliýe ýagdaýy barada hasabatda subsidiýany gaýra goýlan girdeji (geljek döwürleriň girdejisi) hökmünde görkezmek ýoly bilen görkezilýär.

20. Subsidiýa aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda yzygiderli esasda peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýän gaýra goýlan girdeji hökmünde ykrar edilýär.

21. Aktiwleri satyn almak we şunuň bilen baglanyşykly subsidiýalary almak kärhananyň pul serişdeleriniň işjeň hereketlerine getirip biler. Şol sebäbe görä we aktiwlere goýlan maýa goýumyň umumy ululygyny görkezmek üçin, şunuň ýaly hereketler köplenç pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda aýratyn maddalar hökmünde açylýar.

22. Girdejilere degişli subsidiýalar jemi peýda barada hasabatda aýratynlykda ýa-da „Beýleki girdejiler“ maddasynyň düzüminde görkezilýär. Hasabat döwründe subsidiýalar görnüşinde alnan serişdeleriň hasabyna çekilen çykdajylar hem aýratynlykda ýa-da „Beýleki çykdajylar“ maddasynyň düzüminde görkezilýär. Aýratyn görkezilmegini talap edýän girdeji ýa-da çykdajy maddasyna subsidiýalaryň alynmagynyň netijesi açylmalydyr.

DÖWLET SUBSIDIÝALARYNYŇ GAÝTARYLMAGY

23. Gaýtarylmaga degişli döwlet subsidiýalary buhgalterçilik baha bermeleri üýtgetmek üçin göz öňünde tutulan tertipde hasaba alynmalydyr („Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar“ MHMS-na seret).

24. Girdejilere degişli subsidiýalar gaýtarylanda onuň pul möçberi birinji nobatda, şol subsidiýa babatynda görkezilen, gaýra goýlan girdejiniň ulanyş tutumy hasaplanman goýlan islendik ululygynyň azalmagyna degişlidir. Gaýtarylýan pul möçberiniň şunuň ýaly soňa goýlan girdejiniň ululygyndan ýokary gelýän möçberinde ýa-da şunuň ýaly soňa goýlan girdejiniň bolmadyk ýagdaýynda gaýtarylýan pul möçberi haýal etmän çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

25. Aktiwlere degişli subsidiýalaryň gaýtarylmagy aktiwiň balans gymmatyny artdyrmak ýa-da gaýra goýlan girdejiniň tapawudyny gaýtarylmaga degişli pul möçberine azaltmak ýoly bilen hasaba alynýar. Subsidiýalar bolmadyk ýagdaýynda häzirki wagtda çykdajylara degişli edilmeli boljak goşmaça ulanyş tutumlarynyň jemi pul möçberi haýal etmän çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

26. Aktiwlere degişli subsidiýalaryň gaýtarylmagyna sebäp bolan ýagdaýlar aktiwiň täze balans gymmatyna mümkin bolan gymmaty gaçma babatda seljerme geçirilmegini talap edip biler.

DÖWLET KÖMEGI

27. Döwlet kömegi dürli görnüşlerde bolup we berilýän kömegiň häsiýeti boýunça-da, adatça onuň bilen başglanyşykly şertler boýunça hem tapawutlanyp biler. Kömek bermegiň maksady kärhana adaty şertlerde, şunuň ýaly kömegiň bolmadyk ýagdaýynda onuň saýlap almajak hereketlerini etmäge islegi oýarmakdan ybarat bolup biler.

28. Gymmatyna esaslandyrylan baha berip bolmaýan kömege mugt tehniki ýa-da bazarşynaslyk geňeşlerini we kepillendirmeleriň berilmegini mysal getirip bolar. Kärhananyň adaty täjirçilik amallaryndan tapawutlandyryp bolmaýan kömege hökümetiň kärhananyň satuwlarynyň bir bölegine degişli bolan satyn alyş syýasaty mysal bolup durýar. Şunda peýdanyň bardygy jedelsiz bolup biler, ýöne täjirçilik işini döwlet kömeginden bölüp aýyrjak bolmaga islendik synanyşyklaryň esassyz bolmagy mümkindir.

29. Ýokarda getirilen mysallardaky peýdanyň ähmiýeti, maliýe hasabatlylygynyň ondan peýdalanyjylary ýalňyşdyrmazlygy üçin, edilýän kömegiň häsiýeti, derejesi we dowamlylygy baradaky maglumatlary açmak zerurlygyna getirip biljek derejede bolup biler.

30. Göterimsiz berilýän karzlar ýa-da pes göterimli karzlar hem döwlet kömeginiň bir görnüşi bolup biler, ýöne olaryň kärhana berýän peýdasyna göterim möçberini ulanmagyň kömegi bilen baha berlip bilinmez.

31. Şu standartyň maksatlarynda döwlet kömegi umumy ulag we kommunikasiýa ulgamlaryny gowulandyrmak, şeýle hem gowulandyrylan ulgamlary bermek, mysal üçin, belli bir ýerde ýaşaýanlaryň ählisine çäklendirmezden elýeterli bolan we olara peýda getirýän suwaryş we suw üpjünçiligini gowulandyrmak ýoly bilen infrastrukturany üpjün etmegi öz içine almaýar.

MAGLUMATY AÇMAK

32. Maliýe hasabatlylygynda şu maglumatlar açylmalydyr:

a) döwlet subsidiýalaryny hasaba almak üçin kabul edilen hasaba alyş syýasaty;

b) maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen döwlet subsidiýalarynyň häsiýeti we möçberi, şeýle hem döwlet kömeginiň kärhananyň göni peýda alan beýleki görnüşleriniň görkezilmegi;

ç) şertleriň ýerine ýetirilmezligi we ykrar edilen döwlet kömegi bilen baglanyşykly beýleki şertli wakalar.

GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

33. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 20 "Döwlet subsidiýalaryny hasaba almak we döwlet kömegi hakyndaky maglumaty açmak“ (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

döwlet subsidiýalaryny gönüden-göni „Maýa“ böleginde ykrar etmäge alternatiw çemeleşmä degişli düzgünler aýryldy;

aktiwlere degişli subsidiýalary aktiwiň balans gymmatyndan aýyrmak ýoly bilen hasaba almagyň alternatiw usulyna degişli düzgünler aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.